# Eşekden kyssa

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Eşekden kyssa EŞEKDEN KYSSA



*«Eşek gurruk guýa gaçypdyr…*
*Guýynyň başyna üýşenler:*
*– Nädip gaçyp ýörsüň bu guýa? – diýipdir.*
*Eşek jogap beripdir:*
*– Eşekligimden…*
*– Nädip etdiň eşekligi?..*
*– Seretmedik, görmedik, düşünmedik-dä…*
*– Seniňem şol eşekligiň-dä… Gözüň bardyr-a, barýan ugruňa seretmeli bolar-a? Seretdiň, öňüň garaňkymy, gitme-dä!..*
*Eşegi halas etmegiň ugruna çykylypdyr. Emma gurruk guýa gaçmak aňsat, çykmak kyn…*
*Her kim bir zat diýipdir. Kimsi «Okatmaly» diýipdir. Kimsi «Çykarsak, ýene hökman düşer, goýuň, aklyna aýlansyn» diýipdir. Kimsi «Çykarmajak bolsak, oňa haýyr-sahawat kömegini*

*ugradalyñ, otursyn şol duran ýerinde, sesini kessin» diýipdir. Käbiri-de başgarak teklip beripdir: «Oña aslynda gowy ýerde oturandygyny aýdalyñ. Öñündäki gurruk guýyny görmän gaçan bolsa, eşek özüniñ nähili ýagdaýdadygyna hem düşünýän däldir…»*
*Ahyrynda…*
*Guýynyñ başyndakylar eşegi halas etmegiñ kyndygyny pikir etdiler… Eşekden el çekip, üstüne gum zyñyp, guýyny gömmegi makul bildiler…*
*Gelen kararlaryny eşege aýtdylar…*
*Eşek sorapdyr:*
*– Hany, bizi halas etjek dyzmaç maksatnamañyz ýokmy?*
*Ahyrynda… Hiç kim ony diñlemändir.*
*Pil bilen ýerli-ýerden guýyny gömmäge başlapdyrlar.*
*Eşek üstüne her gezek üstüne sürlen gumy silkip, ýere düşüripdir we aýagynyñ astyna düşen gumuñ üstüne çykypdyr, şeýdibem kem-kemden ýokaryk galypdyr.*
*Guýy doluşyberende eşegem çykypdyr.*
*Aslynda bu kyssa üstüne gelen bela-beteri silkip atmaýan, oña razy bolýan, çydaýan we garşylyk görmezmeýän eşekler üçin…*
*Eger eşek üstüne gelen abanan howpa sesini çykarman duran bolsady…*
*Gömlüp galybermelidi».*
Kyssanyñ awtory we meniñ her ýadyma düşende hormat bilen baş egýän merhum kärdeşim Bekir Joşkundy…

Ugur DÜNDAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 11.08.2024 ý. Publisistika